# Baýlygym meniň

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýlygym meniň BAÝLYGYM MENIŇ



**Goja söýgi** ýöne-möne gudrat däl –
Entek öň hatarda barlygym meniň.
Alyp gitse ýagşy bizi büdretmän,
Gözellik hakdaky barlagym meniň.
Bir ýerde diýipsiň maňa «**Ýaşuly**»,
Senden juda gaty gördüm, ýar, şuny.
Bäş-on ýaş goşupsyň, aýyr ýarsyny,
Mümkin däl altmyşa barmagym meniň.

Seniň kem-köstüňi ýuwup-ýylmaýan,
Mukam berdiň könelmäni bilmeýän.
Bir beren zadyny gaýdyp almaýan
Deňizdäki tylla balygym meniň.

Sen gijä galanyň üçirin kynmyň,
Adam düşünerden çuňňurmyň, giňmiň?
Gijä galan söýgi, bu seniň gimniň,

Ruhyýet mülkünde şalygym meniň.

Yşk – zeminde bägül, jennetde – tuby,
Ýüzlenme belgisi – göterýän tugy.
Dile gelýän sözler – söýginiň ruhy,
Söz donuna giren baýlygym meniň.

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular